# Merhum dostlarymyň ýagty ýadygärligine

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Merhum dostlarymyň ýagty ýadygärligine MERHUM DOSTLARYMYÑ ÝAGTY ÝADYGÄRLIGINE

Mahal-mahal durýan yzyma garap,
Uzaklarda galan ýaşlygma sary.
Göwnüme, yzymdan gelýän deý ýöräp,
Ol ýerde eglenen dostlarmyň bary.

Ýöne olar baky galdy ýaşlykda,
Diňe hyýalymda duş gelýär olar.
Biraz söhbet edýäs, göwnühoşlukda,
Birdenem gözümden gaýyp bolýarlar.

Käte möwjäp gelýär küýseg gözýaşy,
Dilleniň,dostlarym, nirde galdyňyz?
Bizi aýra saldy pelegiň işi,
Duýdansyz, dünýämden gaýyp bolduňyz.

Dostlam,sizi gözlemedim nirlerden.
Yzlap,ýaşlygmyzyň giden yzyny.
Ýöne, islesemde men ol ýerlerden,
Ne-hä sizi tapdym, ne-de özümi.

Belki dostlarym hem çar ýana bakyp,
Meň giden ugrumy gözleýändirler.
Olar hem men deýin, bir çete çykyp,
Küýseg gözýaşyny gizleýändirler.

Öten agşam gördüm sizi düýşümde,
Biz ýene otyrys üýşüp bileje.
Perişde deý otyrsyňyz gaşymda,
Siziň şol ýaşlygňyz, men bolsa goja.

Bu gün gama batdym, dostlarmy ýatlap.
Gamlanmakdan özge ýokdur çärämiz.
Wagt geçdigiçe çalt-çaltdan ätläp,
Şonça ýakynlaşýar biziň aramyz.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular